# Bir gün ýüzüň gören kişi…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Bir gün ýüzüň gören kişi…



Bir gün ýüzüň gören kişi ömrinçä hiç unutmaýa,
Tesbihi sensiň dilinde, aýruk nesne aýytmaýa.
Tagata duran zahydyň gözleri seni görerse,
Tesbihini unudyp ol, aýruk sežde-de etmeýe.

Agzyna şeker alyban gözleri saňa duş olan,
Unuda ol şekerini, aýruk çeýneýip ýutmaýa.

Men seni söýdügim üçin, eger baha diýrler ise,
Iki jahan mülkün berirem, dahy bahasy ýetmeýe.

Iki jahan dop-doly bag-u bossan olar ise,
Seniň kokyňdan eýi gül bossan içinde bitmeýe.

Gül-u reýhan kokusy aşyk-magaşlara eter,

Aşyk olanyň magşugy hergiz öňünden gitmeýe.

Ysrapyl suryn urajak, mahlukat Tura gelejek,
Seniň üýnüňden artyk üýn hiç gulagym eşitmeýe.

Zöhre ýere iniban, sazyn nowaht eýlär ise,
Aşygyň eşreti sensiz gözi ol ýaňa gitmeýe.

Näderler aşyk hanmany, ýa sensiz iki jahany
Iki jahan pida saňa, kimse ne güman tutmaýa.

Sekiz uçmahyň hüýrüsi eger bezenip gelseler,
Seniň söýgiňden özgeýi köňlüm hiç kabul etmeýe.

Bu dünýäde hut ne ola, ahyretde ol olmaýa,
Hüýr ile gulman gelejek, aşyk elin uzatmaýa.

Ýunus, seni söýeliden beşaret oldy janyna
Her dem ýaňy dirlikdedir, hergiz ömrün egsitmeýe. Goşgular